# Günäsizlerim

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Günäsizlerim GÜNÄSIZLERIM

Ynha ýene barýan «Gussa» köçämden,
Ýetim galan arzuwlarma hamsygyp
Käte kiçi şatlygyňam deregne,
Bilýän eken – dagdan uly gam sygyp

Hawa, häzir barýan maşgala suddan
Aýrylyşdy arzuwlarmy döreden
Şeýdip «günäsizler» jyda düşdiler –
Soňuna çen göreşmedik eneden.

Belki asyl günäkäri mendirin,
(«Balalarna» guwanyplar, kör bolan)
Tapyp bilmän hiç göwnüni höwrüniň,
Indi ýalňyz umydyna ör galan…

Ahmyr, arman – nepsiz! (Boljagy boldy…)
Wagty yza bermez – «pena sözlerim»
Enesiz galsa-da, kemsinmän ýaşar,
Atasyz galmadyk – «günäsizlerim»

Ylham GURBANALYÝEW. Goşgular